# Fakt gerek, fakt… / ýumoreska

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Fakt gerek, fakt… / ýumoreska FAKT GEREK, FAKT…

Gijäniñ ýarynda bir garanyñ diwardan aşjak bolýanyny gördüm. Demim demime ýetmän milisiýa jañ etdim.
– Alýo, milisiýamy? Öýümize ogry girjek bolýar…
Añyrdan milisioneriñ uky gatyşykly sesi eşidildi:
– Näme, Ezraýyl girip gelýändir öýdýärmiñ. Onsoñam ol heniz öýüñize girmändir. Ilki girsin, onsoñ jañ edersiñ.
Ogry gapynyñ gulpuny döwdi.
– Alýo, ogry gapynyñ gulpuny döwdi, haýyş edýän, kömek…
– Ýuwaşrak gepläberiñ uýam. Bu gykylygyñyza ogry gaçyp gider…
Bir seretsem, ogry içeri girip gelýär. Haýdan-haý telefona ýapyşdym:
– Jan agam, ýetişeweriñ! Ogry içki jaýa – meniñ duran jaýyma girip gelýär.
– Şeýle diýseñiz-le! Asyl içki jaýymyzam bardymy? Entek ýanyñyza barybersin. Häli hiç zat almadyk bolsa, biz ony näme diýip tutaly?
Ogry daşky otagdaky sandyklary dörjeläp başlady.
– Jan milisiýa!..
– Hä!.. Entek hemme zatlaryñyzy alanog-a. Fakt gerek, fakt!
Ogry geregini edinip, çykyp gitdi. Ogry giden badyna milisionerlerem ýetip geldiler-de, göwünlik beren boldular:
– Dogrudan-da, siz köp zadyñyzy ogurladypsyñyz, ýöne onuñ üçin hapa bolup oturmañ. Adam pahyr birini ýitirýär, birini ýyrtýar, birini kirledýär. Şeýdip zatlaryny täzeleýär.
Olar akt ýazdylar-da, bir nusgasyny maña berdiler. Bu faktmyş.

Zülfiýa ŞODIÝEWA.

Özbekçeden terjime eden: D.Ýagşymyradow.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1988 ý. Satiriki hekaýalar